# Ak çäge

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ak çäge AK ÇÄGE

Ürgün ak çägeden arassa zat ýok,
Ýok bolansoň, kalbym şoňa deňeler.
Gadym wagtda ak çägäniň üstünde
Ak bäbegin dograr eken eneler.

Şobada çaganyň göbegin kesip,
Ýarasyna seper ekenler çäge.
Garagumuň gujagynda türkmenler
Tapar eken ähli dertlere çäre.

Iglän çaga gyzgyn çägäň üstünde
Aýakýalaň on bäş günläp oýnasa,
Ýaňky çagaň synasynda ak çäge
Nädersiň, ýekeje derdem goýmasa?!

Çägäniň üstünde biten ýandagyň
Kökem, gülem, balam derman dertlere.
Şonuň üçin gadym döwürde kän bir
Tebip gerek bolmandyram türkmene.

Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular